**Tukmence - Free from Death Scriptures**

**Rimliler 6:23 Çünki günäniň muzdy ölüm, Hudaýyň peşgeşi bolsa Rebbimiz Isa Mesih arkaly berilýän baky ýaşaýyşdyr.**

**Rimliler 8:2 Elbetde, ýok! Biz günä babatda öldük ahyryn. Onsoň neneň edip günä içinde ýaşap bileris?**

**2 Timoteos 1:10 şindi Halasgärimiz Isa Mesihiň gelmegi bilen aýan edildi. Ol ölümi ýok edip, Hoş Habar arkaly baky ýaşaýşy we ölmezligi aýan etdi.**

**Eýýup 5:2 Akmagy gahar-gazap öldürýär, Nadany gabanjaňlyk ýok edýär.**

**Hoşeýa 13:14 Men Ölüler dünýäsiniň gazabyndan gutarmaýynmy olary? Olary ölümden halas etmäýinmi? Eý, ölüm, hany seniň gyrgyn keseliň? Eý, Ölüler dünýäsi, hany seniň weýrançylygyň? Nazarymdan rehimi aýraryn.**

**Zebur 9:14 Ýa Reb, maňa merhemet eýle, gör meni ýigrenýänlerden çekýän derdimi; Saňa ähli alkyşlarymy jar ederim ýaly, Sensiň ölüm derwezelerinden meni halas eýleýän. Sion gyzynyň derwezelerinde Seniň halas edişiňe men şatlanaýyn.**

**Eýýup 6:26 Sözlerimi düzederin öýdýärsiňizmi? Ejiziň gepini ýele sowurýarsyňyzmy?**

**Eýýup 33:22 Bir aýagy gabyrdadyr olaryň, Bärsinden aňyrsy ýakyndyr.**

**Ezekiýel 37:12,13 Munuň üçin, pygamberlik et-de, olara Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: «Men gabyrlaryňyzy açyp, sizi gabyrlaryňyzdan çykararyn, eý, halkym; sizi Ysraýyl ýurduna getirerin. 13 Men gabyrlaryňyzy açyp, sizi gabyrlaryňyzdan çykaranymda, eý, halkym, siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz.**

**Matta 27:52 Mazarlar açylyp, ölen ençeme mukaddes adamlaryň jesedi direldi.**

**Gelip Çykyş 2:7 Beýik Hudaý ýeriň topragyndan adam ýaradyp, onuň burnuna dirilik nepesini üfledi. Şeýdip, adam janly barlyk boldy.**

**Gelip Çykyş 6:17 Ine, Men bolsa ýer ýüzüne sil gönderip, gökleriň astyndaky burnunda dirilik nepesi bolan janly-jandarlaryň ählisini ýok etjekdirin; ýer ýüzündäki zatlaryň barysy öler.**

**Gelip Çykyş 7:15 Ähli haýwanlar, mallar, süýrenijiler we guşlar — ähli ganat-perliler hersi öz taýyna görä, burnunda dirilik nepesi bolan janly-jandarlaryň hemmesi jübüt-jübüt bolup, Nuh bilen gämä mündüler.**

**Gelip Çykyş 7:22 Gury ýerdäki burnunda dirilik nepesi bolan janly-jandarlaryň hemmesi öldi.**

**Eýýup 12:10 Her bir jandaryň jany, Bütin adamzadyň demi Onuň elindedir.**

**Eýýup 33:4 Hudaýýň Ruhy meni ýaratdy, Gudratygüýçliniň demi maňa ýaşaýyş berýär.**

**Resullaryň Işleri 17:25 Oňa adamyň hyzmatynyň geregi ýok, Ol hiç zada zar däl, sebäbi her bir ynsana ýaşaýyş, dem we ähli zady berýän Onuň Özüdir.**

**Ylham 13:15 Oňa jandaryň heýkeline jan berme güýji berildi. Jandaryň heýkeli gepläp başlady-da, özüne sežde etmeýänleri öldürtdi.**

**Ýahýa 10:10 Ogry diňe ogurlamak, öldürmek, ýok etmek üçin gelýändir. Emma Men olara ýaşaýyş, bolelin ýaşaýyş bermek üçin geldim.**

**Işaýa 28:15 Siz: «Biz ölüm bilen äht edişdik, ylalaşyk baglaşdyk ölüler dünýäsi bilen; uly betbagtçylyk inende ýurda, geçip gider, bize ýetmez, çünki biz ýalançylygy pena edindik, galplyk içinde gizlendik» diýdiňiz.**

**Işaýa 28:18 Ölüm bilen eden ähtiňiz ýatyrylar, Gabyr bilen baglaşan ylalaşygyňyz puja çykar; uly betbagtçylyk gelende, ýer bilen ýegsan bolarsyňyz.**

**Işaýa 5:24 Oduň sypaly ýalmaýşy kimin, gury otuň alaw içinde aşak çöküşi kimin, olaryň köki-de şeýle çüýrär, gülleri tozan kimin göge sowrular; çünki olar Hökmürowan Rebbiň kanunyny ret etdiler, Ysraýylyň Mukaddesiniň sözüni äsgermediler.**

**Ýowel 1:12 Gurap galdy üzüm agajy, Solup galdy injir agajy. Nar, alma, hurma — meýdandaky baglaryň gurady bary. Gutardy şol sebäpden ynsan şatlygy.**

**Hoşeýa 13:15 Efraýym doganlarynyň arasynda barly-barjamly bolsa-da, Gündogardan epgek, çölden Rebbiň ýeli öwser. Onuň çeşmesi kesiler, guýysy gurap galar. Hazynasyndan şaý-sepleri talanar».**

**Ylham 22:1 Soňra perişde maňa aýna ýaly ýalpyldaýan derýany görkezdi. Bu derýada ýaşaýyş suwy akýardy. Ol Hudaýyň we Guzynyň tagtyndan çykyp gaýdýardy.**

**Ýahýa 4:10 Isa oňa: «Sen Hudaýyň peşgeşini we özüňden suw diläniň kimdigini bilsediň, özüň Ondan suw dilärdiň, Ol-da saňa ýaşaýyş suwuny bererdi» diýdi.**

**Ýahýa 4:14 Emma Meniň berjek suwumdan içen asla suwsamaz. Tersine, Meniň berjek suwum onuň içinde ebedilik ýaşaýyş berýän çeşmä öwrüler» diýdi.**

**Pähimleri 13:14 Akyldaryň öwüdi ölüm duzagyndan sowýan ýaşaýyş çeşmesidir.**

**Pähimleri 14:27 Ynsany ölüm duzagyndan sowar ýaly, Rebden gorkmak ýaşaýyş çeşmesidir.**

**Ezekiýel 13:17-23 Ýöne sen, eý, ynsan ogly, öz-özlerinden pygamberlik edýän halkyň gyzlaryna tarap ýüzüňi öwür-de, olara garşy pygamberlik**

et. 18 Olara Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: „Her bir ynsanyň janyny awlajak bolup, her kimiň bilegine bilezik dakýan, dürli boýdaky adamlaryň başyna bürenjek tikýän aýallaryň dat gününe! Siz Meniň halkymyň janyny awlamak bilen öz janyňyzy halas edýändiris öýdýärsiňizmi? 19 Bir gysym arpa we bir döwüm çörek üçin halkymyň arasynda Maňa ysnat getirdiňiz. Ýalana gulak asýan halkyma ýalan sözlemek bilen ölüme laýyk däl janlary öldürdiňiz, ölüme laýyk janlara bolsa ýaşajakdyklaryny yglan etdiňiz“. 20 Munuň üçin Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Ine, Men siziň ynsan janyny guş kimin awlaýan jadygöý bilezikleriňize garşydyryn. Men olary gollaryňyzdan sypyraryn. Guş kimin awlaýan janlaryňyzy boşadyp goýbererin. 21 Bürenjekleriňizi-de ýyrtyp, halkymy eliňizden halas ederin, indi olar siziň eliňizde ýesir bolmazlar. Onsoň siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz. 22 Meniň ynjatmak islemedik dogruçyl kişimiň ýüregini ýalan zatlar bilen ynjatdyňyz we erbet adam öz erbet ýolundan dönüp, diri galmaz ýaly, onuň goluna kuwwat berdiňiz. 23 Munuň üçin siz indi ýalan görnüşler görmersiňiz we palmançylyk etmersiňiz. Men halkymy siziň eliňizden halas ederin. Onsoň siz Meniň Rebdigimi bilersiňiz“».

Ýermeýa 21:8 Bu halka hem Reb şeýle diýýär diý: „Ine, Men ýaşaýyş ýoly bilen ölüm ýoluny siziň öňüňizde goýýaryn.

Eýýup 34:22 Pisler gizlener ýaly, Ne garaňkylyk, ne-de tüm garaňkylyk bar.

Zebur 15:10 Çünki meni ölüler dünýäsinde goýmarsyň, Öz sadygyň gabra girmegine razy bolmarsyň.

Zebur 22:4 Tüm garaňky dereden geçäýemde-de, ýamanlykdan gorkmaýaryn men, çünki Sen meniň bilensiň. Seniň hasaň, çopan taýagyň aram berýär janyma meniň.

Zebur 29:4 Ýa Reb, Sen meniň janymy ölüler dünýäsinden çykaryp aldyň; gabra inmezim ýaly, ýaşaýyş berdiň.

Zebur 48:16 Emma Hudaý meni kabul eder; Ol ölüler dünýäsiniň ygtyýaryndan, meniň janymy boşadar. Sela

Zebur 55:14 Çünki Sen janymy ölümden halas eýlediň; ýaşaýyş nurunda Hudaý öňünde gezerim ýaly, Sen aýaklarymy büdremekden sakladyň.

Zebur 67:21 Hudaýymyz–halas eýleýän Hudaý, Hökmürowan Reb — ölümden gutaryp bilýär.

Zebur 88:49 Heý-de ýaşap, ölüm ýüzüni görmeýän barmy? Ölüler dünýäsiniň penjesinden gutulan barmy? Sela

Zebur 101:20,21 Çünki tussaglaryň ahy-zaryny eşitmek üçin, ölüme höküm edilenleri boşatmak üçin, Reb mukaddes belentliginden aşak seretdi, Ol göklerden ýere nazar aýlady.

Zebur 114:8 Sen ölümden halas etdiň janymy, gözýaşlardan — meniň

gözümi, büdremekden — aýaklarymy.

Pähimleri 10:2 Erbetlik bilen gazanylan baýlygyň peýdasy ýokdur, dogrulyk bolsa ölümden halas edýändir.

Işaýa 26:19 Emma ölüleriň ýaşar, jesetler direler. Eý, toprak astynda ýatanlar, oýanyň, şatlykdan aýdym aýdyň! Çygyň ertiriň çygy kimindir, ýer ölüleri ýaşaýşa ýetirer.

Ýahýa 5:28,29 Muňa geň galmaň, sebäbi mazardakylaryň hemmesiniň Onuň sesini eşitjek wagty geler. 29 Ýagşylyk edenler ýaşamak üçin, ýamanlyk edenler bolsa jeza höküm edilmek üçin diriler.

Ýahýa 10:28 Men olara ebedi ýaşaýyş berýärin. Olar asla heläk bolmaz, hiç kim olary Meniň elimden kakyp almaz.

Ýahýa 11:43,44 Şu sözlerden soň Ol gaty ses bilen: «Lazar, daşary çyk!» diýip gygyrdy. 44 Elleri, aýaklary kepene dolanan, ýüzi ýaglyk bilen saralan merhum mazardan çykdy. Isa olara: «Onuň kepenini aýryň, goý, gitsin» diýdi.

Ýahýa 12:17 Isa Lazary mazardan çagyryp dirildende, köp mähelle bu wakany gördi. Indi olar bu hakda hemmelere gürrüň berýärdiler.

Ýahýa 17:2 Sen Ogla ähli ynsanlaryň üstünden ygtyýar berdiň. Goý, Ogul hem Seniň Oňa tabşyran ähli ynsanlaryňa ebedi ýaşaýyş bersin.

1 Korintoslylar 15:19-26 Eger biz diňe bu durmuşda Isa Mesihe umyt baglaýan bolsak, ähli ynsanlaryň iň betbagtydyrys. 20 Ýöne Isa Mesih hakykatdan-da ilkinji bolup ölümden direldi. Bu beýleki merhumlaryň hem diriljekdigini kepillendirýär. 21 Çünki ölümiň bu dünýä adam arkaly gelşi ýaly, ölümden diriliş-de adam arkaly gelýändir. 22 Adam atanyň nesilleriniň ählisi ölýär. Şunuň ýaly, Isa Mesihiň degişli bolanlaryň-da ählisi ýaşaýşa gowşar. 23 Ýöne her kes öz gezeginde diriler. Isa Mesih ilkinji bolup direldi. Mesih gelende, Oňa degişli bolanlar-da diriler. 24 Isa Mesih ähli agalyklary, ygtyýarlyklary we güýçleri ýok edip, Şalygy Ata Hudaýa tabşyranda bolsa dünýäniň soňy bolar. 25 Çünki Hudaý Isa Mesihiň ähli duşmanlaryny Onuň aýak astyna salýança, Mesih şalyk sürmelidir. 26 Ýok edilmeli duşmanlaryň iň soňkusy hem ölümdir.

2 Korintoslylar 1:9-11 Hawa, ajal biziň ýakamyzdan tutandyr öýtdük. Bu ýagdaý biziň özümize däl-de, diňe Hudaýa, merhumlary direldýän Hudaýa bil baglamagymyz üçin ýüze çykypdy. 10 Hudaý bizi ajalyň penjesinden halas etdi we ýene-de halas eder. Biziň üçin edýän doga-dilegleriňiz arkaly Onuň bizi ýene-de halas etjekdigine umyt baglaýarys. Şonda kopleriň doga-dilegine jogap hökmünde bize berlen merhemet üçin köp adamlar Hudaýa şükür ederler.

2 Korintoslylar 3:6 Ol bize täze ähtiň hyzmatçylary bolmak ukybyny berdi. Bu äht ýazylan Kanun arkaly däl-de, Mukaddes Ruh arkaly berkidilendir.

**Çünki ýazylan Kanun ölüme höküm edýär, Mukaddes Ruh bolsa ýaşaýyş berýär.**

**Koloseliler 1:21,22 Bir wagtlar siz eden pis işleriňiz sebäpli pikiriňizde Hudaýdan üzňediňiz, Oňa duşmandyňyz. 22 Indi bolsa Hudaý sizi Öz huzurynda mukaddes, müýnsüz hem aýypsyz etmek üçin, Mesihiň bedeniniň ölümi arkaly Özi bilen ýaraşdyrdy.**

**Ýewreýler 2:9 Emma biz şöhrat we hormat täjiniň Isa geýdirilendigini görýäris, sebäbi Ol biziň üçin ölüme döz geldi. Hawa, Ol perişdelerden biraz wagtlyk pes tutulyp, Hudaýyň merhemeti bilen ähli ynsanlar üçin jebir çekip öldi.**

**Ýewreýler 2:14,15 Bu çagalar ynsan bolandyklary üçin, Isa hem olar ýaly ynsan boldy. Ölüme duçar edýän iblisi Ol Öz ölümi arkaly ýok etdi we 15 ömürboýy ölüm gorkusynyň gulçulygyndaky ynsanlaryň hemmesini azat etdi.**

**Ýewreýler 11:5 Iman arkaly Hanok ýokary alyndy, ol ölüm garasyny görmedi. Hiç kim ony tapyp bilmedi, sebäbi Hudaý ony ýokary aldy. Hanok ýokary alynmazyndan öňem Hudaýyň göwnünden turupdy.**

**1 Petrus 3:18 Isa Mesih hem bizi Hudaýa getirmek üçin, biziň günälerimiz sebäpli bir gezek öldi. Özi dogry bolsa-da, günäkärler üçin öldi. Ynsan ýaly öldürilse-de, Hudaýyň Ruhy arkaly Ol direldildi.**

**2 Petrus 1:3 Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi. Ol muny ýagşylyk we şöhrat bilen bizi Çagyrany tanamagymyz üçin etdi.**

**1 Ýahýa 3:14 Biz özümiziň ölümden ýaşaýşa gowşandygymyzy bilýäris, sebäbi doganlarymyzy söýýäris. Doganyny söýmeýän adam ölümiň penjesinde galýandyr.**

**1 Ýahýa 5:11 Hudaýyň şaýatlygy, ine, şundan ybarat: Hudaý bize ebedi ýaşaýyş berdi, bu ýaşaýşy Öz Ogly arkaly berdi.**

**Ylham 21:6 Ol maňa ýene-de şeýle diýdi: «Amala aşdy. Ilkinji we Ahyrky, Başlangyç we Soň Mendirin. Men suwsana ýaşaýyş suwunyň gözbaşyndan mugt içirerin.**

**Pastor T. John Franklin**
**Church of Salvation, Healing, and Deliverance**
**COS-HAD.org**